# Ýürege düşdi

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Ýürege düşdi ÝÜREGE DÜŞDI

Bir adam sazanda tabşyrdy oglun:
(Çagalykdan gowy dostdular olar)
– Eger tälim alsa, ýanyňda ýaşap,
Belki, seniň ýaly sazanda bolar!

Sazanda oglang syndan geçirip,
Diýdi: – Hakykaty aýtsam-a ýakmaz.
Ýöne welin, men aýtmanam biljek däl:
Mundan daýhan çykar,
Sazanda çykmaz.

Saz adam saýlaýar,
Saza baş goşýan
Owalda ýörite doglan bolmaly!
– Özleşdirse gerek, öwredip bilseň,
Biziňkem-ä erjel oglan bolmaly!

Her näme-de bolsa şägirtlige al,
Oglumy sazanda edesim gelýär.
– Ýüregedüşdiden aňyry geçmez!
– Ýüregedüşdini öwrense bolýar!

Oglan gaýdyp geldi köp ýyllardan soň,
Saz çaldy,
Sazyna il-gün gülüşdi.
Atasy sorady: «Bu niçiksi saz?»
Ogly jogap berdi: «Ýüregedüşdi!»

Hemra ŞIROW. Goşgular